# Ýeňiş güni ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýeňiş güni ýazylan goşgy ÝEŇIŞ GÜNI ÝAZYLAN GOŞGY

Taryhyň ýowuz ýeri –
Kinoda bäbekleri
Jebir içre oklaýan
Şol ganojak frisiň
Uzan dek zalym eli,
Bagra basýan oglumy,
Oglumy gujaklaýan.

Ogşap giň maňlaýyndan,
Gujaklap, berip pendin.
Gerçegin ýowa ýollan
Enäň gaýgysy bilen:
Kalbynda jeň gaýyndan,
Aman saklap perzendin,
Başyn oglun merdana
Atañ söýgüsi bilen
Kalbym mydam dolumy?!
Gujaklaýan oglumy!

Toý gününiň ertesi
Başa atyp kürtesin,
Ýaryn urşa ugradan,
Düýşünde gaýyn enä
Sallançagy üwreden.
Gelniň ýadygär keşbin
Ýüreginde saklaýan,
Atalaň mähri bilen,
Oglumy gujaklaýan!

Gujagy gyzjagazly
Heýkel bolan esgere,
Dogan sanýan özümi.

Göterýärin oglumy –
Durmuşymyñ sazyny!

Beýik şatlyk, beýik ses
Uçýar, uçýar her ýana.
Ýeñiş kimin mukaddes,
Ýeñiş kimin nurana
Säher saýrap oýanýan,
Gije gül dek uklaýan –
Oglumy gujaklaýan!

Süleýman ILAMANOW. Goşgular